Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler. Oýny sport meýdançalarynda ýada sport öýünde oýnamak bolýar. Oýny oýnamak üçin degende tenini agyrtmaz ýaly, gowşak işilen guşak gerekdir.

Oýna taýýarlyk. Oýunçylar öz aralarynda bije atyşyp, birini guşakçy edip saýlaýarlar. Galanlary bolsa biribirlerinden bir ädim uzak lykda tegelenişip, tegelegiň içine seredip, çommalyp oturýa

Oýnuň oýnalyşy. Ýolbaşçynyň rugsady bilen guşakçy elindäki guşak bilen oturanlaryň daşyndan aýlanyp başlaýar. Guşagy haýsy hem bolsa bir oýunçynyň arkasynda duýdurman goýýarda, oturan-laryň daşyndan aýlanmagyny dowam etdirýär. Guşakçy öwrülip gelýänçä, oýunçy arkasynda goýlan guşagy duýmasa, onda guşakçy ony goýlan guşak bilen bir gezek urup, guşagy gapdala zyňyp goýberýär we tegelegiň daşyndan ylgap, guşak goýlan oýunçynyň ýerini eýele-mäge synanyşýar. Guşak bilen urlan oýunçy zyňlan guşaga tarap yl-gap, guşagy alyp, öňki guşakçynyň yzyndan ylgap ýetmäge we guşak bilen urmaga synanyşýar. Egerde yzyndan ylgap ýetip, guşak bilen urup bilse, onda öňki guşakçy guşakçylygyny dowam etdirýär. Egerde ýetip bilmese, onda ol guşakçy bolýar. Egerde oýunçy yzynda guşak goýlanyny duýaýsa, onda guşagy alyp, guşakçynyň yzyndan ylgaýar. Ol öz ýerine guşakçy geçip oturýança ýetse, onda ony guşak bilen urýar we öňki guşakçy ýene-de guşakçylygyna galýar.

Oýnuň düzgünleri:

1. Oýunçylara yzyna seretmek we yzynda guşak goýlan oýunça bu barada duýdurmak bolmaýar.
2. Guşak bilen urlanda agyrtmaz ýaly, ol gowşak işilen bolmaly.
3. Oýunçylaryň ýagyrnysyndan başga ýerine urmak bolmaýar.
4. Eger oýunçylaryň biri “arkamda guşak goýuldy” diýip, bilmän tursa, yzyna gaňrylyp seretse we ş. m. hereket etse, ol guşakçy bolýar.

**Aýperi GAHRYMANOWA**
**S.A.Nyýazow adyndaky**
**Türkmen Oba Hojalyk**
**Uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены